# Dünýäm!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dünýäm!

DÜNÝÄM!

Nargylyç Hojageldiýewe

Men sensiz ölerin, Dünýäm!
Orta ýolda şehit bolup.
Alnym gara gyşdyr bilýän –
Özüň ýetiş behişt bolup!

Elendim ýördüm towlanyp,
Çekdim aýralyk günlerin.
Tamdyr oduna çowlanyp –
Hakdan utulan bende men…

Saňa aýan, bary aýan,
Jigeri girýan edenem.
Sen meni azajyk aýa –
Başyma soltan ederin!

Gygyrýaryn: Dünýäm! diýip,
Köňlüme kerem düşende.
Kim aýdypdyr – söýgi aýyp
Saçyňa gyraw düşende…

Kim aýdypdyr – dutar aýyp
Gaşly ýara dolananda.
Kim aýdypdyr – gül ýar aýyp
Boýnuňa gol dolananda!

Ömrüm, giçki güýze düşüp,
Indi kak şiresi damýan.
Gün gyzarikindi, düşün –
Men sensiz ölerin, Dünýäm!..

Baýram JÜTDIÝEW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy.

Goşgular